# Öýe gelin geldi…

Category: Jemgyýetçilik tankydy,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Öýe gelin geldi… ÖÝE GELIN GELDI…




Öýe gelin getirilýär. Öýüñ maşgala çlenleriniñ biri artýar. Toý tutulýar. Toýa gelýänler gelniñ aýagynyñ düşümli bolmagyny, onuñ şol öýüñ ody bilen girip, küli bilen çykmagyny arzuw edýärler. Ogul öýerip, gyz çykarmak durmuşda eneleriñ belent arzuwy. Bu gün şol arzuwyna ýetip, ogul oýeren ene ýigdelen ýaly. Ol aýdylyşy ýaly, "donuna syganok". Ol bagtly.
Ol indi diñe ene däl-de, gaýyn ene hem boldy. Gaýyn eneli, gaýyn ataly öýüñ gelni bolmak hem bagtlylyk.
Mümkin, gaýyn ene bilen gaýyn ata şol gün oglunyñ durmuş guran günlerini göz öñüne getirýändirler. Wagtyñ şeýle tiz geçişine haýran galýandyrlar. Olaryñ hem bilelikdäki durmuşy hut şunuñ ýaly dabara bilen başlabypdyr. Dogry, olaryñ toýy garybrak bolupdy, gelniñ bukjasy-da has ýukady. Ol wagt şindiki geýilýän käbir geýim-gejimleriñ özi däl-de, ady-sory hem ýokdy. Emma garybrak bolsa-da toý-toýdy.
Hawa, bilelikdäki durmuşyñ kynçylyklary-da, begençli pursatlary-da bolupdy. Iñ begençli pursat şu günki berilýän ogul dünýä inende bolupdy. Şondan birki ýyl geçensoñ bolsa başga bir ýerde, başga bir öýde, başga bir ene şu günki

durmuşa çykyp, bu öýe gelim bolup, aýyň bölegi ýaly lowurdap gelen gyzy dogrupdy.
Birmahallar juda geň hem bolsa, şeýle bir döwür hem bolupdyr: ýaňy dogan oglan bilen gyzjagazyň geljekki ykbalyny on ýedi-on sekiz ýyl öňünden kesgitleýän ekenler, çagajyklar entek bir-biriniň adyny bilmeýärkä, adaglap goýýan ekenler.
Bu günki durmuş guranlar bagtly. Olar bir-birlerini gowy tanaýarlar. Tanyşlyk olary kem-kemden söýüşmek derejesine ýetirdi. Olar bir-birini söýýändiklerini guwanç bilen ene-atalaryna aýtdylar. Iki öýüň arasynda ýakyn, süýji gatnaşyklar, baryp-gelişmeler peýda boldy. Ahyry ajaýyp bir güni belleşdiler-de, garyndaş boldular.

Ýok ýerinden bar edip,
Ony ene dogurdy.
Gyz saklamak ýeňil däl ~
Gyz saklamak agyrdy…

Öýlenen ýigit akylly-başly, çynar boýly owadan gyzy ekläp-saklap, edep-ekram berip ýetişdireni üçin öz gaýyn enesine alkyş okaýandyr. Durmuşa çykan gyz beýleki ähli ýigitlerden artykmaç, şeýle salyhatly hem-de akylly ýigidi dünýä beren enä ~ öz gaýyn enesine minnetdar bolýandyr. Ol şu minnetdarlygyny şu günden başlap gaýynlaryna ak ýürekden hyzmat etmek bilen, olary sylamak, hormatlamak bilen bildirer. Birmahallar başgaça bolýan eken: del öýe düşen gelin pahyr gaýynlaryny mejbury bolup, ýagny gorkudan ýaňa sylamaly bolýan eken. Gaýynlary geplemeli, gelin bolsa geplemeli däl eken.
Durmuş bu deňsizligi, kemsidilmegi hem öz akymynyň ugrundan zyňyp taşlady. Indi bagtly gelin gaýynlary bilen derrew öwrenişýär, gepleđýär, pikir alyşýar, çaý içýär, nahar iýýär. Ol maşgalanyň deň hukukly, drň jogapkärli çleni. Mahlasy, agzybir ýaşap, bir-biregiň sarpasyny, hatyrasyny saklamak üçin hemme mümkinçilikler bar.
Gelin, belki, öz gaýynlaryndan has sowatly adamdyr. Emma bu ýagdaý agzalalyga sebäp bolup bilmez. Okuwly-terbiýeli adamyň düşünjesi hem giň bolmaly. Sowatlaryna garamazdan, gaýyn halky durmuşyň ajysyny-süýjüsini dadan, köp zatlary gören terbiýeli adamlar. Olar okumyş gelne-de gerek ýerinde asylly maslahatlar

berip bilerler. Parasat-pähim köp ýyllaryň durmuş tejrinesinden toplanýar. "Edebiň ýagşysy ~ ulyny syla" diýlen gadymy sözi ýaş-ýeleňler ýatdan çykarmaly däldirler. Akylly-başly gelin öz gelen öýüniň ady-abraýy, agzybirligi üçin dalaş etmelidir. "Agyzly gelin" boljak bolmak, gele-gelmäne öýüň "erk-ygtyýaryny" öz eliňe aljak bolmak, "gaýyn eneňe göz görkezmek", ondan "üstün çykmak" meýli ýaly badyhowalyk biziň günlerimiziň gelinlerine gelişmeýär. "Gelin" sözüni agzanymyzda ilki bilen gözellik, owadanlyk, päkizelik biziň göz öňümize gelýär. Gelin giren içerisiniň durmuşyna arassa howa ýaly täsir etmelidir, ony täzelemeldir, nurlandyrmalydyr. Biziň günlerimizde "gelin-gaýyn" diýen düşünje bütinleý täze many aldy.
…Mundan birnäçe wagt ozal Marynyň bir kolhozynda bir öýüň Aşgabatda okap ýören iki ogly bir-biriniň yzyndan öýlenip, toý tutdy. Şol oglanlaryň ejesini ýaňy-ýakynda bir iş bilen Aşgabada gelende görmek maňa miýesser boldy.
– Hal-ýagdaý nähili, daýza! – diýip, ýylgyrybrak soradym. Ol sözi nämä kakdyryp aýdýanymy bada-bat duýdy.
– Maýa ýaly goşa gelin öýe gireli özümem bir hili ýigdeläýipdirin! – diýip, bagtly ene ýüregi bilen jogap berdi. Görýäň-ä, Mary ýaly ýerden ýörite Aşgabady görmäge gelýän!
Gelinlerimuz şu zamanyň hatly-sowatly maşgalasy bolansoň, bu bisowat halyma, dogrusy, ilkibada "bular maňa düşünermikä, men bularyň dilini taparmykam!" diýip, birneme howatyrlanypdym. Asyl gelniň sowatlysy ~ gelniň gowsy bolýan eken – diýip, tanyş aýal soňra guwanç bilen gürrüň berdi.
Arman, hemme gelinleriň, hemme gaýynlaryň ýagdaýlary, özara gatnaşyklary şeýle gülala-güllük däl. Paýtagtyň mikroraýonlarynyň birinde üç otagly kwartirada uly bolmadyk bir hojalyk ýaşaýar: birki ýyllykda öýlenen ýigit onuň gelni, gaýyn enesi, gaýyn atasy, birem baldyzy. Ömrüniň köpüsini işçi bolup geçiren maşgalabaşy geçen ýyl pensiýa çykdy. Ogly zawodda işleýär. Gelin mugallymçylyk edýär. Gelniň baldyzy mekdepde okap ýör. Öýüň kem zady ýok. Allanäme ýaşap ýörmeli yaly. Garrylar ilkibada kwartiranyň iň uly otagyny bezäp-besläp ogul bilen gelne beripdirler. Aradan kän wagt geçmänkä,

gelin ikinji otagyñ hem özüne berilmegini talap edipdir. "Dogrudan-da, gelinmize iş kabineti bolmasa kyn bolýandyr" diýip, garrylar onuñ sypaýyçylyksyz talabyny sypaýyçylyk bilen kanagatlandyrypdyrlar. Soñra gelniñ çagasy bolupdyr. Çaga dogrulýan öýden gele-gelmäne ol üçünji otagy-da öz ygtyýaryna geçirmegi ýüregine düwüpdir. Elbetde, bu gözçykgynç talaby gaýynlary ret edipdirler. Höre-köşe edipdirler. Düşündirjek bolupdyrlar.

– Size nir bolanda näme, eýwany aýnaladyñ-da, şo ýerde ýaşaberiñ! – diýip, gelim agzyndan ak köpük saçypdyr.

– Bu bir gelin däl-de, başymyza düşen musallat boldy – diýip, gelniñ gaýyn enesi zarynlap gürrüñ berýär.

Elbetde, durmuş-durmuşdyr. Durmuş çylşyrymly zat. Şonuñ üçin-de, hemme zat arzuw edişiñ ýaly gülala-güllük bolup duranok. "Uruş, sögüş ~ ýaraşara ýer goý" diýipdirler. Birek-birege geçirimlilik etmek hen bar ahyry. Ýöne ýokarda agzalan mugallyma gelniñ hereketlerini aklamaga synanyşjak adam tapylmasa gerek.

Durmuş öñe gitdigiçe häzirki zaman maşgala durmuşynyñ hem çylşyrymlaşýandygy sosiologlar subut edýärler. Şol maşgala durmuşuny gurmakda, gowy ýola salmakda gelinlere uly rol degişlidir. Öýüñ, onuñ ähli çlenleriniñ hatyrasy üçin, öz at-abraýy üçin olar adamkärçiligin iñ gowy nusgalaryny görkezmelidirler. Ine, şonda öýüñ bezegi, hakykatdan-da, gözel bolar.

Berdinazar HUDAÝNAZAROW,
Türkmenistanyñ Halk ýazyjysy. Jemgyýetçilik tankydy